# Mukaddeslik

Türkmenler çöregi mukaddeslik saỳyşlary ỳaly, ata Watany, ene topragy, enäni… mukaddeslik derejesine çykaryp, aỳap saklaỳarlar. Ỳene bir mukaddeslik – Döwlet baỳdagymyzdyr. Müńỳyllyklara uzap gidỳän taryhymyza ser salanyńda, ata babalarymyzyń öz baỳdagyna mukaddeslik hökmünde garandygyny görỳäris. Baỳdagy aỳamak, ońa guwanmak, ony gözüń göreji ỳaly gorap saklamak türkmenleriń ruhuna sińip gidipdir. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanyń Döwlet baỳdagy gözümize ähli baỳdaklardan ỳakymly görünỳär. Baỳdagymyzyń ỳaşyl reńkine, onuń ỳüzünde şekillendirilen bäş ỳyldyza we Aỳa, türkmeniń ỳene bir mukaddesligi bolan halynyń göllerine seretdigińçe, seredesiń gelỳär. Olaryń gelşiklidigi, biri-birleriniń üstüni ỳetirip duran sazlaşygy baradaky düşünje kalbyńa dolỳar.



Sarsmaz döwletliligimiziń nyşany bolan ỳaşyl baỳdagymyzyń dünỳäń ỳüzünde belentden parlamagy biziń kalbymyzy has-da ganatlandyrỳar, baỳdagymyza bolan buỳsanjymyzy öńküden-de joşdurỳar. Şol baỳdagy depesine täç edinỳän türkmen neslindendigińe, täze Galkynyş zamanasynda ỳaşaỳandygyńa guwanjyńy artdyrỳar. Dünỳäniń abraỳly guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyń edara binasynyń öńünde parlaỳan baỳdaklaryń arasynda deńhukukly, abraỳly, halkara meseleleriniń halklaryń bähbitlerine ońyn çözülmegine gatnaşỳan döwletdiginden habar berỳär. Türkmenistan Bitarap ỳurt hökmünde ähli taraplar we ähli döwletler bilen özara bähbitli gatnaşyklary alyp barỳar. Şeỳle gatnaşyk dińe halklaryń bähbidinedir. Olar halklaryń arasyndaky dostluk-doganlygy has-da pugtalandyrỳar.

Şeỳle bolansoń, biziń Watanymyz Türkmenistan bilen ikitaraply gatnaşyklary, bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek, şeỳdip hem halklaryń arasyndaky aragatnaşygy mundan beỳläk-de pugtalandyrmak, dostlaşdyrmak isleỳän döwletleriń sany barha artỳar. Bu bolsa Türkmenistanyń ỳaşyl baỳdagynyń astynda alyp barỳan daşary syỳsatyny dünỳä jemgyỳetçiliginiń goldaỳandygyndan habar berỳär. Ikinji bir tarapdan bolsa, ol biziń ỳaşyl baỳdagymyza goỳulỳan hormatdan nyşandyr. Türkmenistan bilen diplomatik aragatnaşyklary ỳola goỳỳan döwletleriń paỳtagtlarynda biziń owadan ỳaşyl baỳdagymyzyń belentden parlamagy, Ỳer ỳüzünde parahatçylygyń dabaralanmasynyń şaỳady bolup görünỳär.

Sońky döwürlerde Türkmenistan halkara derejesinde geçirilỳän sport ỳaryşlaryna-da yzygiderli gatnaşỳar. Dińe bir gatnaşmak däl, eỳsem, türkmen türgenleri özleriniń sportda yhlaslydyklaryny görkezmegiń hem hötdesinden gelỳärler. Halkara ỳaryşlarynda türkmen türgenleriniń ellerinde ỳaşyl baỳdagymyzy galgadyşyny görenińde, ỳa-da ỳeńişli orunlary eỳelän türgenlerimiziń şanyna biziń baỳdagymyzyń ỳokary göterilmegi we Döwlet senamyzyń belentden ỳańlanmagy başymyzy göge diredỳär. Şonda watandaşyńa we baỳdagyńa çäksiz buỳsanỳarsyń.

Berkarar Döwletimiziň bagtyỳarlyk döwründe Türkmenistanyń ähli pudaklarda gazanỳan abraỳly üstünlikleri kalbymyzda mukaddeslik bolup ornan ỳaşyl baỳdagymyzyń ỳer ỳüzündäki mertebesini has-da belende göterỳär. Biziń ỳşyl baỳdagymyz parahat Watanymyzda hem-de dünỳä ỳüzünde, goỳ, mydama asuda parlap dursun.

